# Awtobusy kowalaýan gyz (Hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 25 октября, 2025




***Kemalettin TUGJU,***
***türk ýazyjysy***

Awtobus ugrajak-ugrajak bolup durka aňyrdan bir garryja daýza haýdap geldi. Ýanynda-da kiçijik agtyjagy bardy. Sürüji awtobusyň gapylaryny gaýtadan açdy:

– Daýza jan, çaltrak münüň, ýogsa gijä galýas.

Ýolagçylar kümüş saçly enä awtobusa münmäge kömek etdiler. Aýna ýakyn oturan ýaş ýigit ýerinden turup:

– Geliň daýza, şu ýerde oturaýyň – diýdi.

Agtyjagyny öňüne salan garry daýza duranlaryň arasyndan sagy-solundaky tutawaçlardan ýapyşyp gidişine görkezilen ýerde jaýlaşykly oturdy:

– Taňryýalkasyn, oglum!

Adamlardan ýaňa hyryn-dykyn bolansoň, awtobusyň içinde dem alar ýaly howa ýokdy. Ýolagçylardan biri:

– Sürüji dogan, indi bir duralgada durman geç. Şonsuzam aýak basara ýer galmady munuň içinde – diýdi.

– Münmeselerem düşjekler bardyr ahyry, olary nädeýin? – diýip, sürüji hor-hor etdi.

– Bolmasa duralgadan biraz geçibräk saklan.

– Bolýar onda, düşjek ýeriňizi aýdarsyňyz-da.

Awtobusyň içi şeýlebir dyknyşykdy welin, edil urlup dykylan ýalydy. Ulag hernäçe silkinse-de, adamlaryň ýykyljak gümany ýokdy. Birdenkä yzky gapynyň golaýynda oturan ýolagçylardan biri:

– Sürüji, yzymyzdan bir gyzjagaz ylgap gelýär, özem elleri bilen bir zatlar-a düşündirýär – diýip gygyrdy.

– Häzir awtobusda gyzjagaz beýlede dursun, bir pişige-de ýer ýok, başga ulaga müner-dä – diýip, ýene bir kişi hüňürdedi.

Emma ol ýolagçylaryň bilesigelijiligini oýaryp ýetişipdi. Ýolagçylar başlaryny öwrüp, ylgaşlap gelýän gyzy görjek bolup dert-azara galdylar.

Ilki gürlän hälki ýolagçy:

– Bäh, gaty keçjal gyz eken-aý – diýdi. – Keýik kimin towsaklaýar. Hakykatdanam, ulagyň yzyndan ýeterin öýdýärmikä?!

– Belkem, münjek bolandyr, ýöne ýetişen däldir.

– Başga awtobusa münse bolmaýarmyka – diýip, başga bir ýolagçy gaharly gepledi.

– Onçasyn-a bilemok, ýöne henizem ylgap gelýär. Elinde-de bir guty bar. Bir zatlar satýan bolaýmasa.

Aralykda gyz has yza galyp, gözden gaýybam boldy. Awtobus duralgadan az-owlak geçibräk säginip, iki ýolagçy düşürdi. Soňra-da çakganlyk bilen gapylaryny ýapyp, ýoluny dowam etdirdi. Duralgada duran ýolagçylar gykda-bak boluşdylar.

Garryja daýza içi iki sany çüýşeli örülen torbasyny ýerde goýup, agtyjagyny gujagyna aldy.

Ýolagçylaryň biri:

– Bu gyz halys akylyndan azaşypdyr öýdýän – diýip hoňňuldady.

Gysga ýoldan ylgap gelen gyzjagaz özüni tasdanam ulagyň öňüne oklapdy, ýöne sürüji durarly däldi.

Awtobus gaýtadan tizligini artdyrdy. Adamlar yranyşyp-iteleşip barýardy. Ýolagçy hetdenaşa köp bolansoň, ulagy ýakymsyz der ysy tutdy. Içlerinden biri halys çydamadyk bolarly:

– Aý, sürüji dogan, gapylaň birini açsaň nädýä, ýogsam dem alar ýaly bolmady-la – diýdi.

– Ulag hereket edýärkä gapy açylmaz. Bolmasa ýokardaky howa gapagyny açyň.

Olar sürüjiniň aýdyşy ýaly hem etdiler. Awtobusyň içine sähelçe-de bolsa arassa howa girdi. Emma ondan diňe açylan yşyň edil aşagynda duranlar dem alyp bildi. Beýlekilere henizem arassa howa ýetmezçilik edýärdi.

Hälki gyz häzirem ylgap gelýärdi. Wagtal-wagtal ol garaşylmadyk ýerden awtobusyň öňüne çykýar, sesine bat berip elleri bilen birgeňsi yşaratlar edýär, soňra ýene yza galýar, emma hiç ylgawyny ýazdyranok. Ýolagçylar ýerli-ýerden: «Bu gyz

halys akylyny ýitiripdir öýdýän» diýişdiler. Ýene biri:

– Bir zatlar-a diýýär. Elinde näme saklap durka? – diýdi.

Awtobus welin badyny gowşatman, şol myçyp barýar. Ol ýene bir duralgadan geçibräk säginensoň, bada-bat ýoluny dowam etdirdi. Ulaga münüp ýetişmedikler hyrçyny dişleşip galdylar.

Bu gezek gyzjagaz awtobusyň öňünden iki köçäniň çatrygynda çykdy. Ylgamakdan ýaňa halys surnugansoň, kynlyk bilen gepledi:

– Daýza, başy ýaglykly daýza-a…

Ahyrsoňy garryja daýzaň gujagynda oturan çagajyk:

– Mama, o gyz saňa gygyrýar öýdýän. Elinde gyzyl bir zad-a bar. Seniň düwünçegiň dälmi o? – diýdi.

Garryja daýza eýlesine-beýlesine garap, bir zatlar gözlemäge durdy. Soňra-da bogazyna sygdygyndan gygyrdy:

– Pulum, waý pulum, nepagam ýok, elýaglygyma dolap goýupdym. Üç aýlyk nepagam şonuň içindedi…

Gyzjagaz halys tapdan düşüpdi, indi onuň awtobusyň yzyndan ylgamaga mejaly galmandy.

– Sürüji duraweri! – diýşip, ýolagçylar ýerli-ýerden gygyryşdylar.

Sürüji welin:

– Durup bilemok – diýip, perwaýsyz jogap berdi.

– Aý-how, agam jan, şu daýzaň puly ogurlanypdyr.

Garryja daýza:

– Ýok, gaçyrypdyryn, şol gyzjagaz maňa gygyrýar – diýdi.

Sürüji ahyrsoňy awtobusy saklady, gyzjagaz ulaga tarap

ýöneldi. Ýolagçylardan biri penjireden elini çykaryp, gyzyň uzadan gyrmyzy düwünçegini aldy. Garryja daýza begenjine bäs gelip bilmän gepledi:

– Taňryýalkasyn! Wah balam, nireden tapdyka muny? Dur, şujagaz gyza azajygam bolsa pul bereýin-le.

– Daýza jan, o gyz bireýýäm gitdi.

Garryja daýza gyzjagaza berip bilmedik puluny elinde saklap durşuna gözünden boýur-boýur ýaş dökdi.

**Türk dilinden terjime eden Nowruzgeldi ÖWEZMYRADOW, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby**